## Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde kitaplary sowgat beriş dabarasy

2022-nji ýylyň 10-njy noýabrynda Aşgabat şäherindäki Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetinde kitaplary sowgat beriş dabarasy geçirilip, Ýaponiýanyň Türkmenistandaky adatdan daşary we doly ygtyýarly ilçisi ÝAMAMOTO Hiroýuki uniwersitetiň rektory AÝDOGDYÝEW Esene 53 kitap, sowgat edilenligi barada şahadatnamany we kitaplaryň sanawyny gowşurdy. Bu sowgat beriş çareleri Nippon Gaznasynyň (Nippon Foundation) Ýaponiýa baradaky düşünjäni ösdürmek maksady bilen 2008-nji ýyldan bäri öňe sürýän "READ JAPAN PROJECT"-ň çäginde amala aşyrylyp, iňlis dilinde ýazylan Ýaponiýa bilen baglanyşykly kitaplary dünýäniň dürli ýurtlaryndaky uniwersitetlere we kitaphanalara sowgat edilýär. Türkmenistanda şu saparky sowgat beriş ilkinji gezek bolup durýar.

“READ JAPAN PROJECT” web-saýty:
https://readjapan.org/

